# Kleopatra

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kleopatra KLEOPATRA



Eý, şa zenan, bu gün alyp galamy,
Sen hakda ýazasym geldi bir nama.
Göwnüňe jaý bolarmy ýa bolmazmy?
Munuň üçin däl men sowgat hantama.
Heňňamlar çalyşyp, heňňam ötüpdir,
Görsene, geçipdir niçeme asyr.
Şonda-da ýaşap ýör Kleopatra adyň,
Gizländir goýnunda gadymy Müsür.

Ýuliý Sezar baş egendir öňüňde,
Sen akylyň, gözelligiň nusgasy.
Bir nohurly türkmen şahyry bu gün
Joşup gazal ýazýar, gepiň gysgasy.

Ýerden tapmaz arheolog kümmediň,
Sen weli ýaşaýaň, ornuň arşda.
Sen älem ýyldyzy, öçmez lowurdyň,
Biynjalyk edenim üçin bagyşla.

21.09.2024. Goşgular